# Dünýäniñ iñ baý adamlary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dünýäniñ iñ baý adamlary

DÜNÝÄNIÑ IÑ BAÝ ADAMLARY

■ Bill Geýts

1955-nji ýylda ABŞ-yň Waşington ştatynyň Sittle şäherinde doglan Wilýam Henri Bill Geýts amerikan kompýuter programmisti, telekeçi, maýa goýumçy we “Maýkrosoft” (Micrososft) kompaniýasynyň esaslandyryjylarynyň biridi. Ol 1975-nji ýylda Harward uniwersitetinde okap ýörkä okuwy taşlap, öz biznesini ýola goýýar. Onuň 2016-njy ýyldaky baýlygy 90 miliard dollara barabar bolup, häzirki wagtda dünýäniň iň baý adamlarynyň biridir.
Bill Geýtsiň kakasy aklawçy, ejesi mugallym bolupdyr. Ol heniz on iki ýaşyndaka ýöriteleşdirilen mekdepleriň birine informatika kursuna gatnaýar. Bill Geýts ýaşlykdan Paul Allen atly dosty bilen kompýuter programmalarynyň üstünde işläp başlaýar. Iki dost 1972-nji ýylda ilkinji gezek “Traf-O-Data” programma kärhanasyny döredýärler.
1974-nji ýylda kämilleşdiren “BASIC” atly programmirleme diliniň kömegi bilen ulanyjylar programmalaryny özleri ýazyp bilýärdi. MITS şereketi bolsa bu iki dostuň öndürýän programmalarynyň satuw rugsadyny alyp, programmany has hem kämilleşdirmeklerini isleýär. Şondan soň Bill Geýts uniwersiteti taşlap, Maýkrosoft (Microsoft) atly şereketini esaslandyrýar. Geýts 1977-nji ýylda enjamlaryny has hem güýçlendirmek üçin Apple, Tandy we Komodor ýaly kompýuter öndürijiler bilen şertnama baglaşýar. Ol 1979-njy ýylda bary-ýogy 13 işgäri bilen 3 mln dollara golaý girdeji gazanýar. Maýkrosoft kärhanasynyň üstünlige ýetendigi Apple şereketiniň beren teklipleri bilen anyk aýan boldy.
Bill Geýts 1986-njy ýylda şereketini paýdarlar jemgyýetine

öwürdi. Geýts aýratyn-da öz döreden Windows programmasyny has aňsatlaşdyrmak isleýärdi. Gysga wagtda ony hem  başarýar. Biziň ulanýan kompýuter programmalarymyzyň içinde Maýkrosoft iň esasy progamma bolmaga entegem dowam edýär. Bill Geýts dünýäniň iň baý adamy bolup, häzirki wagtda sekuntda 230$ dollar gazanýar. Onuň öýünde meşhur suratkeş Da Winçiniň golýazmalary bar.

■ Mark Zukerberg

Mark Zukerberg 1984-nji ýylda dogulýar, Facebook-yň gurujysydyr. 2004-nji  ýylda Garward üniwersitetide bile okaýan dostlary Dustin Moskowits, Eduardo Sawer we Kris Hugles bilen guran Facebook atly internet sahypasynyň saýasynda, häzir dünýäniň iň ýaş baý adamy hökmünde tanalýar.  2011-nji ýylda baýlygy 24 milliard amerikan dollaryna deň boldy. 2010-njy ýylda Taým “Time” gazetinde “Ýylyň adamy” bolup saýlandy. Zukerberg  Garward üniwersitetiniň kompýuter bölümini okaýarka we üniwersitetiň birinji ýylynda Ýokary okuw jaýlarynyň iň owadan talyplarynyň saýlanýan facemash.com  atly saýtyny gurdy. Saýtda Garwarddaky ähli talyplaryň suraty bardy. Ýöne suratlary almak üçin üniwersitetiň maglumatlaryny ogurlady (hekledi). Mark Zukerberg bikanun iş edenligi sebäpli üniwersitetden çykaryldy. Zukerbergiň guran Facebook internet sahypasy  2011-nji ýylda “The Brand Finance Global 500”-e görä dünýäniň iň gymmatly 281-nji markasy boldy.

■ Warren Edward Buffett

Warren Buffett 1930-njy ýylda Nebraskada dogulýar. XX asyryň iň baý adamlaryndan biri hökmünde tanalýar. “Berkshire Hathaway” atly maýa-goýum paýdarlar jemgyýetiniň prezidenti we iň uly maýagoýumçysy. Forbes Žurnalynyň geçiren , “2008-nji ýylyň milliýarderleriniň sanawy” atly geçiren anketalaryna görä,  62 milliard dollarlyk baýlygy bilen dünýäniň iň baý adamlarynyň biridir. 2006-njy ýylda maýa –goýum şereketiniň 30 milliard dollarlyk paýyny “ Bill we Melinda Geýts” guramasyna bagyş etdi.

Pully meselelerde örän başarjaň bolan Buffet 6 ýaşyndaka babasynyň dükanyndan satyn alan 6 sany Kolasynyň hersiniň üstüne 5 sent goýup satyp pul gazanyp başlady. Ol 11 ýaşynda kakasynyň ýanynda işläp başlady. Edýän işlerinde Ilkinji satyn alan söwdadaky kär paýyny gymmatlan wgty pikirlenmän satdy. Ýöne bir-iki ýyldan soň şol söwda kär paýynyň çendenaşa gymmatlanyny göreninden soň şereketlere uzak wagtlyk maýa-goýum goýmagyň möhümdigini öwrendi. Garward “Business School”-a okuwa girmegi maslahat berseler hem ýaş bolany üçin ol muny makullamady. Ýöne muňa garamazdan ol “Columbia Business School”-a okuwa girdi we tanymal ykdysady analizçi Benjamin Grahamyň ýanynda okady. “Wall Street”-de işlemek islese-de kakasy we Ben Graham muňa garşy çykdy. 1954-nji ýylda Graham şereketleriniň birinde oňa iş teklip edýär. Bu ýerde iki ýyl işläninden soň Grahamyň pensiýa çykmagy bilen ol Omaha dolanýar we 1956-njy ýylda ilkinji maýa-goýum(ortaklygy) bolan Buffett Associates Ltd-ini gurdy.

■ Amancio Ortega Gaona

Ortega Gaona 1936-njy ýylda Ispaniýada dogulýar. Ispan moda we tekstil önümleriniň menejeri hem-de geýim şereketi “Inditex”-iň gurujysy. Meşhur ykdysadyýet žurnaly “Forbes” tarapyndan taýýarlanan sanawa görä ol Ispaniýanyň iň baý adamy; Ýewropanyň iň baý adamlaryndan biri we 2013-nji ýyldan bäri dünýäniň iň baý üçünji adamy.
Amancio Ortega Gaona ýaş wagtlary tekstil pudaklarynda, dürli egin-eşik dükanlarynda kömekçi bolup işläpdi. 1972-nji ýylda özüniň ilkinji kärhanasy bolan “Confecciones Goa”-ny gurdy. Kärhanasynyň adynyň gelip çykyşy öz adynyň tersinde okalyşy bilen baglanyşyklydyr. Ol 1975-nji ýylda ilkinji tekstil dükanyny açdy. Ortega wagtyň geçmegi bilen dükanynyň adyny üýtgetdi we uly tekstil zynjyryna öwrülen “Zara” ady bilen dünýä tekstil önümleri bazarynda özüni tanatdy. Bu tekstil zynjyrynyň ähli edara-kärhanalarynda 92 müňden gowurak işçi işleýär.

■ Carlos Slim Helu

Ol 1940-njy ýylda Meksikada dogulýar. Telmex we America Movil firmalarynyň eýesi. 2007-nji ýylda dünýäniň iň baý adamy boldy. Forbes žurnalynyň iň baý adamlar sanawynda 2010-2011-nji ýyllarda-da birinjiligi elden bermedi.
1961-nji ýylda Autonoma de Mexico(UNAM) üniwersitetini tamamlaýar. 1990-njy ýylda halkara telefon şereketi Telmex-i 1.8 milliard amerikan dollaryna satyn alýar. Ulanyjylary entegem onuň taryflarynyň gymmat hem-de hiliniň pesdigini öňe sürýärler. Slim häzirki wagtda ABŞ-da ýokary derejeli maýa-goýumlar goýýan iň esasy tüjjarlaryň biri bolup dur. Onuň maýagoýum goýan käbir şereketleri Philip Morris, Office Max, Saks, Televisa, Apple we ş.m.

■ Larry Ellison

Hakyky ady Lawrens Joseph Ellison bolan bu tüjjar, 1944-nji ýylda ABŞ-yň Manhettan şäherinde dogulýar. Ol maglumatlar ulgamy üpjünçiligi bilen meşgullanýan “Oracle” porgramirleme kärhanasynyň gurujysy we CEO-sydyr. Larry Ellison “Oracle” kärhanasy bilen Maýkrosoft we SAP-yň iň uly garşydaşy bolmagy başardy. Ol şahsy baýlygy bilen dünýäniň iň baý adamlarynyň biri hasaplanýar. Bill Gates-iň iň uly garşydaşlaryndan biri bolan Ellison ýokary tizlikli uçarlar we gämiler bilen gyzyklanýardy. Emma ejesiniň hem-de Bob Mineriň ölüminden soňra ol uçarlar ýa gämiler bilen däl, eýsem, molekulýar Biologiýa bilen gyzyklanyp başlady. Ellison esasan hem, garrylyk barada geçirilýän barlaglara goldaw berýär. Onuň baýlygy häzirki wagtda 52.2 milliard dollara babardyr.

■ Maýkl Rubens Bloomberg

Maýkl Rubens Blumberg 1942-nji ýylda dogulýar, ol Nýu Ýorkyň 108-nji şäher häkimi we 35.5 milliard dollarlyk şahsy baýlygy bilen dünýäniň iň baý 8-nji adamy. Ykdysady analiz, habar we maglumat beriji Bloombergiň şereketiniň bolsa gurujysydyr. Onuň elinde bolan “Bloomberg Television Wall Street”-den habarlar we wakalary göni ýaýlym görnüşinde berilýär.

■ Dewid Hamilton Koç

Amerikaly telekeçi, syýasatçy we himik bolan Dewid Koç 1940-njy ýylda dogulýar. Ol 1979-njy ýylda “Koch Engineering”-iň başlygy bolup, 1983-nji ýylda dogany Çarlz bilen “Koch Indistries” hojalyk jemgyýetiniň başlygy bolýarlar. “Lincoln Center”-däki Nýu Ýork Şäher teatyryna abadanlaşdyryş işleri üçin 100 million dollar bereninden soňra teatryň ady “David Koch Theathre” diýip üýtgedilýär. Dewid Koç dogany bilen bile ýöredýän “Koch Industries” hojalyk jemgyýetiniň 42%-iniň eýesidir . Häzirki wagtda onuň baýlygy 50.2 $ milliýard dollar töweregi .

■ Jeff Bezos

Jeffrey Preston “Jeff” Bezos 1964-nji ýylda ABŞ-de dogulýar. Prinston ton üniwersitetini tamamlaýar. Amazon.com-yň gurujysy Elektron söwdanyň kämilleşmeginde uly rol oýnan adam. Amazon.com onuň dolandyrmagy bilen dünýäniň iň uly we ynamdar internet satuw kärhanasyna öwrüldi. Şol sebäpli hem 1999-njy ýylda Tome žurnaly tarapyndan “Ýylyň adamy” diýip saýlandy. Amazon.com-uň daşyndan kosmos barlaglary geçirýän “Blue Origin”-iň hem gurujysy we eýesi bolan Bezos 2013-nji ýylda “The Washington Post” gazetini satyn aldy. 2017-nji ýylda jemi baýlygy 90 milliard dollardan geçensoň, ýaşaýan iň baý adam adyny aldy. Forbes 2018-de 112 milliard dollarlyk baýlygy bilen dünýäniň iň baý adamy edip saýlady. 1994-nji ýylda Amazon.com-y gurýar. Bu şereketiň adynyň gelip çykyşy dünýäniň iň uly derýasy bolan Amazon bilen baglanyşyklydyr.
Amazon.com E- bazar kärhanasynda 154100 adam işleýär, amazon.com ilki işe internet üsti bilen kitap satyp başlapdy. Soňra dürli önümler satyp başlaýarlar(kampýuter oýunlary, elektoniki enjamlar, mebeller…). Dünýäniň giňden ýaýran satuw saýty bolan Amazonuň logosunda bar bolan sary ok diňe bir gülen ýüz däl, eýsem , Amazon.com adresinde A harpyndan Z harpyna çenli ähli önümleriň bardygyny aňladýan gizlin yşaratdyr.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlan:
Annabibi ÖWEZMYRADOWA.

Geň-taňsy wakalar